***«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2025-nji ýyl ýurdumyzyň taryhynda möhüm tapgyr boldy. Halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, ähli umumy derejede parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerini ilerletmek ugrunda alnyp barylýan işler Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň guwandyryjy netijeleridir.***

Mälim bolşy ýaly, 26-njy dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Oňa welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň häkimleri hem gatnaşdylar. Mejlisde döwlet Baştutanymyz 2026-njy ýylyň şygaryny hem-de nyşanyny tassyklap, geljek ýylyň şygaryny «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýip yglan etdi. Munuň özi täze ýylda ýurdumyzyň okgunly ösüşini we belent sepgitlere ýetmäge ymtylmasyny alamatlandyrar.

Hormatly Prezidentimiz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň kabul edilmegi bilen başlanandygyny we bu ýylyň dowamynda köp sanly halkara çäreleriň geçirilip, möhüm ähmiýetli resminamalaryň kabul edilendigini belledi. “Ýakynda bolsa ýurdumyza ýene-de bir hoş habar gelip gowuşdy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 64-nji plenar mejlisiniň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag boýunça onýyllygy» hem-de «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamalar biragyzdan kabul edildi” diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we bu başlangyçlary goldan ähli ýurtlara türkmen halkynyň adyndan tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Gahryman Arkadagymyzyň Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara çäreleriň üstünlikli geçirilmegi mynasybetli halkymyza ýollan Gutlagynda: «Geljek ýyl Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýylydyr. Biziň bedewlerimiz halkymyzyň milli buýsanjydyr, gymmatly baýlygydyr, beýik ösüşlerimiziň nyşanydyr. Şoňa görä-de, ýetip gelýän bedew ýyly düşümli bolsun!» diýen sözleri toý şatlygymyzy has-da artdyrýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýen buýsançly sözleri şygar edinen täze ýylda ata Watanymyzyň bedew bady dowamat-dowam bolsun!

**Döwletgeldi ANNAÝEW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 03.01.2026